# Hytaýyñ Gaza urşy boýunça pozisiýasynyñ añyrky plany

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hytaýyñ Gaza urşy boýunça pozisiýasynyñ añyrky plany HYTAÝYÑ GAZA URŞY BOÝUNÇA POZISIÝASYNYÑ AÑYRKY PLANY




*Hytaýyñ Ýakyn Gündogardaky geosyýasy strategiýasy nähili şekillenýär?*
Hytaý Halk Respublikasy elmydama ýurdunyñ daşyndaky ýerlere syýasy ýa-da harby taýdan güýç salmazlygy baş ýörelge edinip geldi.
Emma 7-nji oktýabrda ýüze çykan giñ gurşawly çaknyşygyñ yzyndan Ysraýyl-Gaza urşunda gazalylara absolýut kömegini mälim etmek bilen Hytaý daşary syýasatyna agalyk edýän ýörelgesini bozdy.
Hytaýyñ Daşary işler ministri Wan I Gazada dessine ok atyşygy bes etmäge çagyryp, parahatçylyk üçin ýeke-täk ýoluñ iki döwletli çykalgadygyny tekrarlap aýtdy.
Wan I şeýle-de, ýarym asyrdan gowrak wagtlap palestinalylara edip gelýän zorluk-zulumy sebäpli Ysraýyly ýazgaryp, Ysraýylda häzir bolup geçýän uruşa öz-özüñi goramagyñ çygryndan çykan

uruş hökmünde baha berdi.
Hytaýyň Ýakyn Gündogar boýunça ýörite ilçisi ýygjam diplomatiki gepleşikleri geçirdi, Hytaýyň sosial mediýasy-da jöhit we amerikan garşydaşlygyny edýän çykyşlar bilen dolup-daşdy.
Hytaýyň Gazadaky uruşa beren garşylygy bilen Ukrainadaky uruşa beren garşylyk iki tarapdan alanda az-owlak tapawutlanýar.
Ukrainada 600 günden gowrak wagt dowam eden uruşda Hytaý uruşýan iki tarapa-da syýasy bitaraplygyny dowam etdirdi. Emma Gazada uruş turan badyna aç-açan ýagdaýda Gazanyň goralmagy üçin çagyryş etdi.
Şeýle-de, Hytaý we ABŞ Ukraina urşuna gönüden-göni goşulmasa-da, maddy goldawlaryny gaýgyrmaýandyklary üçin Ukrainadaky uruş belli bir derejede wekilçilik urşuna öwrüldi.
Gazadaky uruş bolsa ABŞ-ny we Hytaýy Ýuwaş okeany sebitleriniň daşyndaky regional çaknyşyga çekip biler.
***Ýeke-täk agalyk ediji sebitleýin güýç tarapyndan dolandyrýan Ýakyn Gündogar sebitde belli bir derejede durnuksyzlyga sebäp bolup biler.***
ABŞ Ysraýyla garşy gönükdirilen raketalara garşy durmak maksady bilen Gazany gurşap alan deňize iki sany awianosesini ýerleşdirdi.
Şeýle-de, Omanyň açyk deňizlerinde geçen harby türgenleşigiň yzyndan alty sany hytaý söweşjeň gämisi eýýämden Ýakyn Gündogarda mälim edilmekden saklanýan ýerde ýerleşdirilen ýagdaýda dur.
Hytaý Jibutiniň golaýynda ikiugurly maksatly port hem gurdy.
Gazadaky çaknyşyk sebitleýin sepgide çyksa ABŞ gönüden-göni burnuny sokup biler.
Hytaýa hem üýtgäp duran dinamikalar we ýagdaýyň sebitleýin täsirleri sebäpli bitaraplygyndan el çekip, çaknyşyga aktiw gatnaşmaga mejbur bolup biler.
Ukraina we Gaza uruşlarynyň bir umumy meňzeşligi bar. Ikisi-de «özgerişler asyryny» täzeden şekillendirmek tagallasy bilen birlikde global geosyýasy bäsdeşligiňem habarçysy bolup durýar.
Hytaýy Ýakyn Gündogardaky harby güýçlerini herekete geçirmek

bilen bir hatarda syýasy taýdan goşulmak babatdaky köne pozisiýasyndan gyşarmaga iteren zat näme?

## • Hytaýyň bitaraplyk syýasatyndaky üýtgeşme

Hytaý näme üçin Ukrainadaky uruşy Ýakyn Gündogardaky uruşdan tapawutly görýär?
Hytaýyň nukdaýnazaryndan bu tagallanyň üç ugry bar:
Hytaýyň maksatlary – Pars aýlagyndaky hemişelik bähbitleri, täze emele getiren sebitleýin bilelikdelikleri we global geosyýasy, geoykdysady zerurlyklary taralyndan ugrukdyrylýar.

## • Pars aýlagy

Hytaý Palestinanyň tarapyny çalýarmy ýa Ysraýyly goldaýar soragynda her ikisi-de hakykaty doly ýaňzytmaýar.
Hytaý bir ýandan Ysraýyl bilen güýçli harby we tehnologiki gatnaşyklary saklaýar, beýleki bir ýandanam Palestina döwletiniň gurulmagyny-da goldaýar.
Hytaýyň strategiki maksady Ýakyn Gündogarda parahatçylygyň we durnuklylygyň ýola goýulmagydyr.
Ýeke-täk agalyk ediji güýjüň dolandyrýan Ýakyn Gündogary sebitde belli bir derejede durnuksyzlyga getirip biler. Şonuň üçin dürli regional güýçleriň arasyndaky inçe güýç deňagramlylygynyň goralmagy sebitde durnuklylygy ýola goýmagyň mümkinçiligini pugtalandyrar.




*Saud döwletiniñ ministri Müsaid bin Muhammet el-Aýban, Hytaýyñ Daşary işler komissiýasynyñ müdiri Wan I, Eýranyñ Döwlet Howpsuzlyk Geñeşiniñ sekretary Ali Şemhani / Fotosurat: Reuters*

Şu nukdaýnazardan seredilense Hytaýyñ gurmaga synanyşýan köp polýusly howpsuzlyk sistemasy aslynda ABŞ-nyñ Ýakyn Gündogardaky güýç deñagramlylygyny çepbesine çöwden Yrak urşuna çenli uzak wagtlap yzyndan ylgalan zatdan o diýen tapawutlanyp duranok.

Häzir dünýäde Pars aýlagynda parahatçylygyñ we durnuklylygyñ üpün edilmeginde Hytaýdan köp bähbidi (we strategiki gowşaklygy) bolan uly daşarky güýç ýok.

Nebit geçirijilerini bökdençlige uçradyp biljek sebitleýin uruşam Hytaýda ykdysady aýlanyşygyñ togtamagyna sebäp bolup biler.

Hytaýyñ Ýakyn Gündogardaky esasy bähbitleri meselesi barada aýdanda bolsa, bulam ne Palestina dawasy, ne-de Ysraýyl onuñ esasy gaýgysy däl.

Gürrüñsiz, Hytaýyñ sebitdäki esasy bähbit zonasy Pars aýlagydyr. Bu bolsa Hytaýyñ içki gowşaklygyny görkezýär.

***Hytaý dünýäniñ iñ uly energetika müşderisi hasaplanýar. 2022-nji ýylda Hytaý 365,5 milliard dollara barabat jemi nebit söwdasynyñ 53,6%-ne golaýyny Pars aýlagyndan satyn aldy.***

Saud Arabystanynyñam nebitiniñ dörtden bir bölegi Hytaýa

gidýär, bulam Hytaýyň nebit söwdasynyň 16%-den gowragyny düzýär.
Pars aýlagynda ýola goýlan ikitaraply alyş-calyş we hyzmatdaşlyk bilen deňeşdirilende Hytaý bilen Eýranyň arasyndaky ykdysasy bilelikdelige örän ownuga we deňeçerlikden uzaga meňzeýär.
2022-nji ýylda Hytaý Eýranyň nebitiniň 58-%-ni satyn aldy, bulam Hytaýyň jemi nebit söwdasynyň bary-ýogy 6%-ni düzýär.
Hytaýyň Ýakyn Gündogardan energetika geçirijilerini gorag astyna almagy harby senagat kompleksini gurmagy, ykdysady ösüşini durmuşa geçirmegi üçin diýseň möhüm.
Pars aýlagynyň durnuklylygynyň ýola goýulmagy we Pars aýlagyndan Hytaýa nebit äkidýän deňiz geçelgeleriniň we bogazlaryň açyklygyna galmagy-da Hytaýyň peýdasyna.




*ABŞ-nyň Daşary işler ministri Antoni Blinken bilen Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň syýasy bölüminiň daşary syýasat boýunça başlygy Wang I 13-nji iýylda Jakartada geçirilen ASEAN ýygnanyşygy mynasybetli duşuşyk geçirdi / Fotosurat: AFP*

- **Hytaýyň sebitde täze dörän hyzmatdaşlary**

Siriýanyň döwlet ýolbaşçysy Beşar Esad geçen sentýabr aýynda Pekine eden resmi saparynda Hytaý bilen Siriýanyň arasynda strategiki hyzmatdaşlyga gol çekmegi başardy. Bu hyzmatdaşlyk iki ýurduň ýolbaşçysynyň arasyndaky ikitaraplaýyn duşuşykda

Hytaý täze strategiki bilelikdeligi, global geosyýasy üýtgeşmelere garşy raýdaşlyk çarçuwasynda formulirledi. Özüne garşy gönükdirilen Günbataryň sanksiýalarynyň garşysynda Siriýa uruşdan soňky tapgyrda ýurdy täzeden abadanlaşdyrmak üçin köp möçberde Hytaýyň maýa goýumlaryna goldanmaly bolar.
Hytaý häzire çenli Siriýanyň infrastrukturasyna üç milliard dollar geçirdi. Nebit söwdasy bilen birlikde Hytaý bir ýandan uly nebit önümçisi we Hytaýyň esasy söwda hyzmatdaşy holan Yragyň, beýleki bir ýandanam uly ýewraziýa güýji we Günorta Ýewropa açylan gapy bolan Türkiýäniň goňşusy Siriýadaky ykdysady boşlugy doldurmaga doly taýýar.
Infrastrukturanyň Yrakdan başlap Siriýanyň üstünden Türkiýä baglanmagy Ýewraziýa ykdysady manzarasynyň aýlanyşygynda möhüm ähmiýete eýe bolar.
***Ýakyn Gündogarda belli bir derejedäki gapma-garşylyk ABŞ-nyň ünsüni Ýuwaş okeandaky ýagdaýlardan sowup biler.***
Bary-ýogy üç aý öň Hytaý bilen Palestinanyň hökümetiniň arasynda şoňa meňzeş strategiki hyzmatdaşlyk boýunça ylalaşyga gol çekildi.
Hytaý 2022-nji ýylda Günbatar Şeria edýän eksportynda 23%-lik artyşa we hytaý diliniň ýerli bilim sistemasyna girizilmegine şaýat boldy.
Hytaý palestin topraklaryna haýyr-sahawat, sosial kömeklerini we saglygy goraýyş hyzmatlaryny ýola goýmagy-da dowam etdirip, ýerli halkyň göwnüni awlamagy başardy.
Yrakdaky uruşdan ýigrimi ýyl soň häzir Hytaý Yragyň iň uly söwda hyzmatdaşyna öwrüldi. Yragam Hytaýyň Arap dünýäsindäki iň uly üçünji söwda hyzmatdaşy boldy.
Hytaý ýurtdaky nebit infrastrukturasyny ösdürmäge dyrjaşmak bilen çäklenmedi, şol bir wagtyň özünde suw, elektrik we beýleki jemgyýetçilik hyzmatlary pudagyndaky infrastrukturany-da ösdürmek üçin iş alyp bardy.
Geçen maý aýynda Hytaý hemmeleri haýrana goýup Saud Arabystany bilen Eýrany ýakynlaşdyrmak üçin araçylyk etdi we munuň netijesinee Arap dünýäsindäki ykdysady we strategiki täsiri artdy.
Hytaýyň sebitde täze orta çykan hyzmatdaşlarynyň (köne

hyzmatdaşy Eýran bilen birlikde Siriýa, Yrak, Palestina hökümeti) aýratynlygy diňe Gazanyň töwereginde ýerleşýändigi däl.
Uruşyň gyzyşan ýagdaýynda bularyň ikinji derejeli jebir çekene öwrülme howpy-da bar.
Hytaýyň sebitdäki giň möçberli infrastruktura taslamalaryna artýan maýa goýumlaryny göterip biler ýa-da suwuk ýangyç bolmasa Hytaý şeýle bir ýagdaýa geler welin, by tapgyrda söwda bähbitleri ony parahatçylyk üçin araçylyk etmäge barýança uruşy gözegçilik astyna almak üçin elinden gelen tagallany etmeli bolar.

- **Hytaýyň global geosyýasy hajatlary**

Hytaýyň strategiki niýetleriniň üçünji ugry geosyýasy kwalifikasiýada.
Ýakyn Gündogarda Gündogar Ortaýer deňizi bilen kesgitlenen derejedäki gapma-garşylyk ABŞ-nyb ünsüni Ýuwaş okeandaky ýagdaýlardan sowup biler.
Bu ýagdaý ABŞ-nyň harby güýç boýunça çykdajylaryny-da ep-esli artdyryp biler we artan maliýe boşlugy we diýenetmezek inflýasiýa bilen birlikde amerikan ykdysadyýetine düýpli zyýan ýetirip biler.
Şol sanda ABŞ-da ýerli oňşuksyzlyklary-da möwjedip, agzybirligi bozup biler.




*ABŞ-nyñ awianosesi «USS Gerald R. Ford» Ýakyn Gündogara gelmeziniñ öñünçäsi, 04.10.2023 ý.)*

Günbatary Hytaýy birinji derejeli global howp hasaplamakdan el çekdirip biljek her dürli hereketlilik Hytaýyñ bähbitlerine hyzmat edýär.

Ýakyn Gündogarda uruş ABŞ-nyñ ünsüni Ukrainadan sowup, azajygam bolsa Russiýa zerurlyk duýýan rahatlygyny berip biler.

ABŞ-nyñ harby çaknyşyga göni goşulmagy Arap dünýäsiniñ we ýerli arap ilatynyñ syýasy taýdan ýalñyzlaşmagyna getirer, bulam ynjyk amerikan raýat utgaşygyny hasam böleklär we ABŞ-nyñ global liderligini paltalar.

2024-nji ýyldaky prezident saýlawlarynyñ ýetip gelýändigini göz öñüne tutsak, Trampyñ izolýasiýa syýasatyny Ak Tama dolap getirmäge gönükdirilen haýsydyr bir gyşarma-da Hytaýyñ bähbitlerine hyzmat eder.

Ýakyn Gündogarda we Ýewropada çaknyşyklaryñ ýüz çykmagy ahyrsoñunda döwlet baştutany Si Szinpiniñ «Günbataryñ agsaýandygy» hakda aýdan sözüne yşarat edýär.

Müsürde, Iordaniýada we Arap dünýäsiniñ başga ýerlerinde ýüze çykan sebitleýin demonstrasiýalar diñe Ysraýyla däl, şol bir wagtyñ özünde ABŞ-na garşy protestleriñem bolmagyna iterýär.

Munuñ özi ABŞ-nyñ öñbaşçylaryndaky global sistemanyñ aýbyny paş edýän haýsydyr bir oppozisiýa-da Hytaý tarapyndan

dolandyrylýan, Hytaýyň Ýakyn Gündogardaky hyzmatdaşlary tarapyndan giň gerimli goldaw gören we Hytaýyň Global Howpsuzlyk telekeçiligi diýip atlandyran alternatiw global howpsuzlyk sistemasyna giriş mümkinçiligi gazanar.




Şirli ZE ÝU.
@shirleyzeyu

Çarşenbe, 01.11.2023 ý. Publisistika